# Kitap, durmuş, kysmat we tagalla

Category: Kitapcy,Oýlanmalar
написано kitapcy | 25 января, 2025
Kitap, durmuş, kysmat we tagalla KITAP, DURMUŞ, KYSMAT WE TAGALLA




“Nädip baý bolmaly?”, “Nädip şöhrata eýe bolmaly?”, “Nädip bagtly bolmaly?” diýene meňzeş, motiwasion häsiýetli kitaplaryň köpüsinde, beýleki “görlüp-eşidilmedik, aýanlyk görnüşinde ylahydan inene ýakynrak, hakdan içen öwüt-nesihatlar” bilen bir hatarda:
– DURMUŞA KREATIW GÖZ BILEN BAKYŇ!
KITAP OKAŇ! (ýagny, özüňizi üznüksiz kämilleşdiriň, täze-täze zatlary öwrenmäge dyzaň we ş.m.)…
…diýilýä.
Dogry hemmesem. Gowy zatlar aýdýarlar. Ýöne…
Gynansagam, ynsanyň zanny diýip bir zat bar.

Kitap hiç haçan diri söhbetdeşiň, diri dostuň ornuny tutuşlygyna tutup bilmeýär. Mysal: nähili gyzykly kitap okap oturan bolaly ýa-da aňrybaşy gyzykly kino tomaşa edip ýatan bolaly, dostumyz ýa-da sylaýan bir adamymyz jaň etdigi, taşlaýas-da şoň bilen bolýarys.
Kitapdan kän zady öwrenip bolýar. Ýöne, ýaşamany öwrenip bolmaýar.
Ýaşamany diňe ýaşap öwrenmeli.
“Özgelerden bir ädim öň ädip, şonça-da öňüňi görüp bilseň baý bolýarmyşyň. Iki ädim öň ýöreseň beg bolýarmyşyň. Üç ädim öň barsaň han bolýarmyşyň… we ş.m. Iň soňunda-da ýedi ädim öň ätseň weli bolýarmyşyň” diýip, halk arasynda ynam bar.
Dogry, kän okap-okap, gaty kän zatlary öwrenip bolýar.
Hyýalyň, üşügiň güýçli bolsa, islendik maglumaty beýlekilerden has çalt özleşdirip, islendik hadysalary has bahym seljerip, durmuşyň islendik wakasyna döredijilikli göz bilen garabam bolýar.
Ýöne “nesibe” diýibem bir zat bar.
Materialistler: “Hemme zat adamyň özüne bagly” diýip näçe käkeleseler käkeläbersinler. Nesibäňde şol zat ýok bolsa, açlyk höküm sürýän ülkede kerwen doly bugdaý unuň eýesi bolubam baýaman bilersiň.
Ýöne, bu aýdylanlar, elbetde: “alma biş agzyma düş” diýip, öz nesibäň asmandan inerine garaşyp ýatmalydygyny aňlatmaýar. Öňem bir rowaýatda aýdylyşy ýaly: “Hudaýyň bermegi üçin, özüňdenem bir “ähem-ühüm” gerek ekeni”.
Şo sebäpdenem Beýik Mogol Şahynşahy Akbar şanyň özüniň paýhasly weziri Birbala beren: “Kysmatmy ýa tagalla?” diýen sowalyna, meň pikirimçe, diňe şeýle jogap bermeli:
-Kysmat hem Tagalla!
Kysmat-a düşnükli.
Indi tagalla nämeden ybarat?
Tagalla seniň hemişe öz kysmatyňa taýýar bolmagyňdan ybarat.
Mysal üçin: günlerde bir gün saňa tötänden köne tanşyň sataşýar-da, özüniň daşary ýurt firmasynda işleýändigini, eger-de şol dili kanagatlanarly bilýän bolsa firmada ep-esli aýlykly iş bardygyny aýdýar. Senem şo dili bilýärsiň. Sebäbi öz wagtynda birdenkä şunuň ýaly bir teklibiň bolmagyna ýagşy umyt bilen şol dili çintgäp öwrenmek üçin tagalla etdiň, okadyň, öwrendiň, kurslara gatnadyň.
Ýa-da sen hiç hili tagalla etmediň-de, şo dili bileňok. Hemişe

kimdir biriniň (ejeň-kakaň, doganyň, daýyň, daýzaň, dostuň, gaýynlaň, doganoglanyň, obadaşyň, goňşyň, gullukdaşyň we ş.m.) özüňi goldaryna garaşyp, “Bokurdagy deşen Özi, şondan ötürmäge bir döwüm tötegem ýetirer ahyrynda” diýip, takdyryňa ten berdiň ýördüň.
Indi şu mysal getirilen ýagdaýda, 99 göterimde durmuşda kimiňki çüwerkä?
Elbetde, gündelik durmuşda: «Akylly ogluna gelin gözläp başlaýança akmak ogluny üç öýerer» diýilýän halatlaryna-da sataşmak bolýar. Ýöne, adatça, ýazgydyň beren mümkinçiliklerinden ýerlikli peýdalanmagy başarýanlaryň we şondan peýdalanmaga taýýarlyklylaryň edeni ugruna bolýar.
Diýmek, ýene-de paýhas çarhy aýlanýa-dolanýa-da, ýokarda aýdylan iki nesihata direýär duruberýär:
– DURMUŞA KREATIW GÖZ BILEN BAKYŇ!
KITAP OKAŇ! (ýagny, özüňizi üznüksiz kämilleşdiriň, täze-täze zatlary öwrenmäge dyzaň we ş.m.)… :-). Oýlanmalar